# Söýmüşem

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Söýmüşem SÖÝMÜŞEM

Her Täze ýyl, gyşdan başlar,
Gyşyň garyny söýmüşem,
Pyntyk ýaranda agaçlar,
Ýazyň zoruny söýmüşem.

Ýalyn öwser, ýakar oda,
Bulutsyz, açyk howada,
Jöwzada, hol, Awazada,
Tomsuň goruny söýmüşem.

Sowap başlanda gijeler,
Güýzde göwünler ynjalar,
Ýyla hasap – netijeler,
Hasyl «baryny» söýmüşem.

Wagt geçipdir «ömür» bolup,
Giçden aňdym ünjä galyp,
Juwan ýaşym ýada salyp,
Köňlüň zaryny söýmüşem.

Ýetginjekkäm, «ýetip gelip»,
Käte «gyzyl ütük» bolup,
Ýüreklerde orun alyp,
Kalplaň törini, söýmüşem.

Saýlap-seçip, bilseň söýüp,
Käbir, kem-käs, däldir aýyp,
«Soňra daýawlanar» diýip,
Özüm «horuny» söýmüşem.

Döwran sürdüm, alyp paýym,
Agraslandym ýyllar saýyn,
Adamlary ynjytmaýyn,

Namys-arymy söýmüşem.

Illi sözle, öz aklyňda,
Ýok hem bolsa, bar şekliňde,
Şamar saçlar ak göwsüňde,
Zülpleň taryny söýmüşem. Goşgular